# Jüneýit han barada hakykat

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jüneýit han barada hakykat JÜNEÝIT HAN BARADA HAKYKAT

*Giriş ýerine gysga taryhy düşündiriş.*
*Düşnükliräk bolmagy üçin wakalary sähel aňňyrrakdan başlaýaryn.*
*Mongollaryň elhenç weýrançylyklaryndan köp soň, öz döwründe iň kuwwatly, baý döwlet bolan Horezm şalygy dargap, onuň paýtagty Köneürgençden häzirki Hywa geçýär. Şeýdip, gadymy sarsmaz Horezm şalygynyň ýerine onuň soňky döwleti–Hywa hanlygy bolup galýar.*

- **HYWA HANLYGYNDAKY SOŇKY PURSATLAR**

Men size soňky ýüz ýylyň içinde (1830-1929 ý.) Hywa hanlygynda bolan özgerişleri beýan edeýin.

1. Allaguly han 18 ýyl – 1831-1848 ý;
2. Mädemin han 9 ýyl – 1849-1857 ý;
3. Gutlymyrat han 3 ýyl – 1858-1860 ý;
4. Bala han 1 ýyla golaý – 1861 ý;
5. Mädirim han 48 ýyl – 1862-1909 ý;
6. Isfendiýar han 8 ýyl – 1910-1917 ý;
7. Seýitabdylla han 3 ýyl – 1918-1920 ý;

Bu döwürde Seýitabdylla han diňe Hywanyň şäherine we özbek obalarynyň hajatlaryna seredipdir; Jüneýit hana garaşly bolupdyr. Uly ýurdyň ykbalyny çözen uly han Jüneýit (Gurbanmämmet serdar) bolan. Ol 13 ýyl – 1917-1929 ý. (4 ýyl Bedirkentde, 9 aý Garagumda) hanlyk eden; dogry, soňky ýyllarda ygtyýarlyklary çäklerindirilse-de, halk ony öňkisi ýaly goldapdyr.
Bu hanlar barada gysga maglumatlar

1. Allaguly han 1831-nji ýylda Hywanyň han tagtyna göterilip,

1848-nji ýylda öz ajalyna ölýär.
2. Allaguly handan soň rehimsiz Mädemin (Muhammet emin) han Hywanyň hany bolýar; ol 9 ýyl han bolup, 1857-nji ýylda Saragtda tekeler bilen uruşanda, Gowşut hanyň nökeri çapyp öldürýär.
3. Mädemin ölenden soň onuň ogly Gutlymyrat han tagta çykarylýar; olam atasy ýaly zalym bolýar. Ol tagta çykan destine atasynyň ganyny ýomutlardan almagyň ýoluna düşýär. Ilki bilen, «Saragt uruşynda Gowşut hana kömek etdiň» diýen bahana bilen ýomudyň gerçek batyry Amannyýaz serdary ölüm minarasyndan taşladyp öldürýär. Muňa bolsa türkmenleriň gahar-gazaby artýar, öňem hanyň çenden aşa salgyt-süteminden nägile türkmenler şondan soň hanyň buýruklaryny ýerine ýetirmeýärler. Gutlymyrat han hilelige ýüz urýar; mundan soň ol, «Ýaraşyk etjek, dost boljak» diýip aldap, ýomudyň, ýemreliniň abraýly kethudalaryny, batyrlaryny Hywa çagyryp öldürýär. Mundan soň türkmenleriň gahar-gazaby hasam joşýar.
Şondan soň Gutlymyrat han: «indi-hä türkmenlerden garşyma çykjak ýokdur» diýip, 1860-njy ýylda türkmenleriň üstüne ýöriş edýär. Gazaply söweş başlanýar. Ýomutlaryň ähli serdarlary-batyrlary birleşip hanyň leşgerlerine berk gaýtawul berýärler, emma ýomutlar hanyň üpjün ýaraglanan leşgerlerinden ejiz gelýärler. Şonda ýomutlaryň baştutany (adyny unudypdyryn, Atamyrat serdar bolmagy mümkin) kömek sorap, ýemreli hem garadaşly garyndaşlara çapar-atly ýollaýar. Baran çaparlara garadaşlynyň serdary şeýle diýen: «Ýomut aga! Ýagyň özüňe nesip etsin». Emma ýemreliniň serdary: «Ýagy goňşyňa gelse özüňe gelenidir, kyýamat güni goňşydan diýleni, ynha bararys» diýen hem-de wagtynda kömege ýetişýärler. Şeýdip, doganlar (ýomut-ýemreli) birleşip Bäşýap diýen ýerde (Ýylanlynyň günbatarynda) Gutlymyrat hanyň leşgerleriniň merkini berýärler; Hanyň özi-de Köpükli obasyndaky Ýylgynly öwlüýäniň ýanynda (häzirki Ýylanly raýonynyň Sapyş Çerkezow adyndaky kolhozy) öldürilýär. Şonda Hywa hanynyň leşgerleriniň köpüsi gyrlyp, ölmän galanlary Gutlymyrat hanyň ölüsini zordan Hywa getirýärler. Mundan soň türkmenleriň Hywa hanyna bolan ynamy bütinleý gaçýar.

Bu uruşda ýomut bilen ýemreli «ganly köýnek» dogan bolýarlar we şondan soň hemişe hemme ýerde doganlygy berjaý edip gelýärler.
4. Gutlymyrat handan soň 1 ýyla golaý (1861 ý.) Bala han diýeni Hywanyň hany bolýar. Ol päk ýürekli adalatly ekeni, türkmenler bilen hoşniýetli gatnaşyk etmek isläpdir, ýöne ykbal başgaça bolýar. Ýomutlar bilen dostlugy berjaý etmek niýeti bilen Bala han ýomutlaryň kethudalaryny Hywa ýaraşyga çagyrýar. Ýomutlaram bu gezek aldanmaz ýaly ätiýaçly-taýýarlykly gelýärler. Bala han myhmanlary dost niýetli, serpaýly garşy alýar. Ýöne öň aldanyp gözi gorkan türkmenler oňaýly pursat bolanda Bala hanyň boýnuny çapýarlar. Bala han «ýa Alla» diýip, kybla tarap ýykylýar. Soň «Purýar» (uruş) yglan edilýär. Şonda ýomutlaryň gylyç göteren elleri ysmaz bolup, doňup galýar; hanyň adamlary bulary arkaýyn gyrýarlar. Şu wakadan soň ýomutlar hiç haçan Hywa hanynyň garşysyna baş galdyrmandyrlar (tä Jüneýit hana çenli).
5. Şeýle bolansoň, ondan soňky bolan Mäderim (Muhammetrahym Bahadur) han uly galmagalsyz parahatçylykda «adyllyk» bilen 48 ýyl (1862-1909 ý.) hanlyk sürüpdir. Bu uzak parahatçylygyň sebäbini şeýle düşündirmek bolar:
Birinjiden, türkmenleriň hoşniýetli, bigünä Bala hany öldürip, gargyşa galmaklary;
Ikinjiden, Mäderim hanyň haýyşy boýunça orsyýet patyşasyndan jeza beriji harby bölüm gelip, 1870-nji ýyllaryň başlarynda Gazawat türkmenlerini (Tagtanyň ýomutlaryny) rehimsiz gyrmagy;
Üçünjiden, şol döwürde Hywa hany bilen Ak patyşanyň (orsyýet patyşasy) arasynda şertnama boýunça oruslaryň güýçli ýaraglanan 500 atly esgerleriniň hanyň köşgüni goramak üçin mydamalyk durmagy; bu orus saklawy galanyň daşynda goşa derwezeden 500 m daşlykda ýörite gurlan kazarmada (ýerli ilat oňa «gezermen» diýýärdiler) hanlygyň hasabyna ýaşapdyrlar;
Dördünjiden; Mäderim hanyň özüniň iňňän gizlinlikde saklanýan jeza beriji garakçy topary bolupdyr. Olar Amyderýanyň boýundaky tokaýlarda, Garagumda, Gyzylgumda pynhan gezipdirler. Haçanda bir obada galmagal turup, olam parahatlyk bilen çözülmedik ýagdaýynda şol garakçy topara gizlin habar

ýetirilipdir; olaram bir gije ýol ýöräp, oba dökülip, otlap, çapyp, öldürip gider ekenler. Muny bolsa sada ilat Hudaýdan görüp, Mäderim hanyň mekirliginden habarsyz galypdyrlar.

Şeýlelikde ýomutlar ýarym asyrlap, tä Gurbanmämmet serdaryň ýörişine çenli Hywa hanynyň garşysyna çykmandyrlar. Gurbanmämet serdaram ol işe özbekleriň haýyşy boýunça hem-de halkyň şol wagtky agyr ýagdaýy sebäpli il bähbidi üçin ata çykan serdar (bu hakdaky söhbete soň gaýdyp geleris). Bu gürrüňleri hem ömrüni Hywada ýaşap ötüren, şol wakalaryň köpüsini gören, görmediklerini-de anyk bilýän, şol döwrüň sowatly, düşünjeli adamy, köp ýyllap Hywanyň oba hojalyk tehnikumynda direktor bolup işlän Salaýewden hem-de şol döwrüň sowatly ahuny, soň Tagtada (1925-1935 ý.) Sowet gurluşygyna aktiw gatnaşan Ämet molladan 1947-nji ýylda eşidipdim.

6. Wagty ýetip, tebigatyň kanuny, Allanyň buýrugy bilen Muhammetrahym Bahadur han 1909-njy ýylda 98 ýaşap amanadyny tabşyrýar. Onuň ýerine Yslam hojanyň goldawy bilen Mäderim hanyň gyrnak aýalyndan bolan kiçi ogly (Yslam hojanyň giýewisi) Seýit Isfendiýar Bahadur han tagta çykýar; ýogsam, Mäderim hanyň baýry aýalyndan bolan mirasdüşer uly ogly–Seýitabdylla töre han bolmaly ekeni. Seýit Isfendiýar hem özüniň kemakyllygy zerarly duşmanlarynyň hilesine çolaşyp, ozal-a gaýyn atasy Yslam hojany öldürýär; soňam özi-de sol duşmançylygyň pidasy bolýar, ýagny, Isfendiýar han 1871-nji ýylyň aýaklarynda özbekleriň haýyşy boýunça ýomutlar tarapyndan öldürilýär.

7. 1917-nji ýylda Isfendiýar han öldürilenden soň, onuň ýerine Jüneýit hanyň görkezmesi bilen Seýitabdylla töre han bolýar. Ol diňe Hywanyň şäheriniň we daşky özbek obalarynyň ykbalyny çözüp bilipdir, Jüneýit hana garaşly bolupdyr. Ol 1920-nji ýyldan soň sowet organlary tarapyndan sürgün edilýär. Uly ýurdyň ykbalyny çözen hakyky han (Gurbanmämmet serdar) bolan. Ol 13 ýyl – 1917-1929 ý. (4 ýyl Bekirkende, 9 ýyl Garagumda) hanlyk eden, dogrusy, soňky ýyllarda onuň ygtyýarlyklary çäklendirilse-de, halk ony goldapdyr. Taryhy makalalar